# Täzelikçi / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Täzelikçi / satiriki hekaýa

TÄZELIKÇI

Bu gün Wepa Gödekowiç köp wagtdan bäri edip gelýän arzuwyna ýetdi. Ony kiçiräk bir edara başlyk bellediler.
Täze başlyk şol gün goýun soýup söwüş etdi. Oňa dost-ýarlaryny, ähli garyndaşlaryny çagyrdy.
Toý saçagynyň başynda Wepa Gödekowiçiň adyna gutlag, ýyly sözler diýseň ýagdy. Wezipe ýuwmak dabarasy uzaga çekdi. Toý eýesi myhmanlarynyň soňuny ýarygije ugratdy. Şerapdan mes bolup, gözi gyzaran Wepa Gödekowiç saçak başyna täzeden geçdi. Ortada duran açyk çüýşeden bulgura şerap guýdy-da, ony jyňkydyp goýberdi. Soň tabakdan bir bölek ýagly eti agzyna atdy-da, ýogyn sesi bilen zowladyp gygyrdy.
– Annajemal… Eý keýwany, munda gel!
– Aýdyber kakasy, men gulak asýan.
Ol barmagyny çommaldyp aýalyna:
– Aýtsam şeýle: häziriň özünde garyndaşlarymyzyň baryny çagyr. Olar bilen maslahat etjek – diýdi.
Sähel wagtyň içinde garyndaşlar jem boldy. Wepa Gödekowiç şeraply bulguryny göterip, bazzyk-buzzyk edip zordan sözledi.
– Ezz..ziz garr…yndaş…larym. Men başlyk bolanyma gaty begenýän. Sizem begenýänsiňiz, ony bilýän. Ertir kanturyma baryň. Men sizi has-da begendirmekçi.
Wepa Gödekowiç bulgurdaky şeraby bir demde içdi. Ol humar bolan gözlerini töweregine aýlady-da: – Maslahat gutardy. Men indi ýatjak. Baryň, gaýdyň! – diýip, oturanlara gapyny görkezdi.
Täze başlyk edara ir bilen geldi. Öten agşam aşa içensoň, ýadaw görünýärdi, ýüzi-gözi çişdi. Ol sekretar gyzy çagyryp, çaý getirmegini talap etdi. Ajy gök çaýdan ganansoň, onuň ýüzi birneme açyldy, keýpi göterildi. Ol sekretaryna edaranyň

ýolbaşçylaryny çagyrmagyny buýurdy. Haýal etmän çagyrylanlaryñ bary ýygnandy. Wepa Gödekowiç oturanlary birlaý gözden geçirdi. Soñ ýerinden turdy-da:

– Adamlar! Men siz bilen düýn tanyşdym. Görşüñiz ýaly, men indi siziñ başlygyñyz. Özüñiz bilýäñiz, häzir hemme ýerde täzeçe işlenýär. Menem täzeçe işlejek. Gönüläp aýtsam, siziñ işiñizem täzeläýsem diýýän – diýdi.

Başlygyñ sözüne oturanlar añk-tañk bolup, biri-biriniñ ýüzlerine seredişdiler. Baş buhgalter oturyp bilmän dillendi.

– Wepa Gödekowiç, siziñ aýdýanyñyz näme, işimizi oñaryp ýörkäk, hiç bir kemçilik goýbermesek, bizi nämüçin täzelemekçi?

Baş buhgalteriñ aýdanlary başlygyñ ýeñse damaryny gatatdy. Ol laññа ýerinden turdy. Onuñ sesi sandyrap çykdy.

– Nämüçin işiñizi täzelemeli dälmişin?! Men seniñ nähili adamdygyñy bilemok ahyryn. Onsoñ neneñ saña edarañ hasap-hesibini ynanaýyn. Sen sakgaldaş, gepi köpeltme-de, işiñi häziriñ özünde Welmet ýegene tabşyr. Numat! Saña-da öz obañyzdan iş tapylar-la, beýdip gatnap ýörmände-de. Gowusy sen baş ykdysatçylygyny inim Paýza tabşyr-da dyn. Kassirlige-de gaýnymyñ ogluny goýjak. Orunbasarym edip bolsa doganoglanym Añkary aljak. Ine, täzeçe işlejek diýmäm şu. Düşnüklimi?! Hany, düşnükli bolsa gidiñ-de işiñizi tabşyryñ!

Wepa Gödekowiç şol günüñ ertesi edara ýolbaşçylaryny ýene kabinetine çagyrdy. Ýöne bu gezek ýygnananlaryñ hemmesi onuñ öz baryndaşlarydy. Wepa Gödekowiç ýüz-gözleri gülüp duran baryndaşlaryny guwanç bilen synlady. Soñ özüne göwnüýetijilik bilen pañkardy.

– Eziz garyndaşlarym! Siz meni düýn täze wezipe bilen gutladyñyz. Ynha bu gün sizem wezipeli bolduñyz. Nesip etsin! Nesip ederem. Sebäbi biz öz bähbidimizi aramzok ahbetin. Siziñ bilşiñiz ýaly, häzir hemme kişi maşgaladyr kärende potratçylygynda işleýär.

Wepa Gödekowiçiñ sözüni garyndaşlary el çarpyşmak bilen ýetirdiler.

Hojageldi KÖRHANOW.

Satiriki hekaýalar